# Gonamçylyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gonamçylyk GONAMÇYLYK

Şäherden alysda tutdular ony,
Gün-günden giňeltdi özüniň çägin.
Kä görseň daşlaşýan ýaly şäherden,
Golaýlaşýan ýaly şähere kä gün.

Şäherem ulalýar ini-boýuna,
Bir görseň, daşlaşýan ýalydy ondan.
Ýöne köçe ellerini uzadyp,
Öwlüýä golaýlap barýardy çyndan.

Gonamçylyk şäher bilen tapyşdy,
Ýatyr ol durmuşa gulagyn asyp.
Köçeleri bilen dolap alypdyr,
Otyr şäher ony bagryna basyp.

* * *

Jana-jan dostumdy,
Gitdi dünýäden,
Gitmänkä başyndan ýigitlik ýazy.
Ajala aldyryp ýaz ýaly ýigdi,
Ýaz ýaly ömürden ýitirdik ýazy.

Şonda bildim ajylygyn ajalyň,
Hem bildim durmuşyň süýjüligini,
Owal-ahyr bizi ýaşadýan zadyň –
Bildim bu dostlugyň güýjüligini…

Indi öýlerine barmak ýeňil däl,
Indi öýlerine barmazlyk agyr.
Barsam – enäň derdin gozgaýan ýaly,
Barmasam – iýýän dek ýüregniň ýagyn.